# Nije perýada bara nalalarym ah saňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nije perýada bara nalalarym ah saňa…



Nije perýada bara nalalarym ah saňa,
Nije bir arz edeýem halymy hergäh saňa.
Eşidip bilbili-şeýda meger ahy-säherim,
Çagyryp dert ile diýer «Ahy, heý, wah» saňa.

Husny sermaýasy elden gidejek bir gün ola,
Bildire etdigiňi, söwdügim, Alla saňa.

Gün ýüzi burjy-şerep üzre tulug etdigi çün,

Gijeler subha deňin daňa galar mah saňa.

Häk eder gaýrat ody bu dili misgini ýakyp,
Bile ýanyňda rakyp olaly hemrah saňa.

Nije sengin dil imiş, saňa eser etmedi hiç
Aşyky şurydanyň ahy sähergäh saňa.

Nowjuwan etdi Züleýha kibi, Mähri, seni yşk,
Kylaly lutf ile Ýusup nazaryn şah saňa. Goşgular